# Haýle Selassiýe

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Haýle Selassiýe **Taryhyň akymyny üýtgedenler**




EFIOPIÝANYŇ IMPERATORYNYŇ ÖŇÜNDE ÜÇ GEZEK EGILMEK: HAÝLE SELASSIÝE
*Bir adama imperatorlygyň diwanynda nejaşy bilen duşuşmak mümkinçiligi berilen bolsa, ol adam nejaşynyň huzuryna çykýança üç gezek egilmeli bolýardy: Ilki bilen zalyň agzynda, soň ýoluň ortasynda, iň soňunda-da imperatoryň öňünde duranda*

«Rim imperiýasynyň yza tesişiniň we çöküşiniň taryhy» kitabynyň awtory Edward Gibbon şeýle ýazýar:
«Efiopiýalylar müň ýyllap ukladylar we şonda özleri bilen birlikde dünýäni-de ýatdan çykardylar».
1954-nji ýylda Addis-Abeba giden bir fransuz ýazyjysy howa menzilinden şähere girip barýarka duýdansyz ýagdaýda öňüňden «Rolls Royce» awtoulagynyň peýda bolandygyny, dowar sürüsiniň haýdap bir gyra sürülendigini, eşekleriň üstünde käbir adamlary görendigini we hemmeleriň egilip durandygyny görendigi hakda aýdýar.
Ýazyjynyň aýtmagyna görä, bu ýöne bir öňe tarap egilmekden

ybarat bolmandyr, hut adamyñ döşüniñ ýer bagyrtlaýan şekilde tagzym etmegidi.
Efiopiýanyñ imperatoryna «nejaşylaryñ nejaşysy» («patyşalaryñ patyşasy») diýlipdir.
Bir adama imperatorlygyñ diwanynda nejaşy bilen duşuşmak mümkinçiligi berilen bolsa, ol adam nejaşynyñ huzuryna çykýança üç gezek egilmeli bolýardy: Ilki bilen zalyñ agzynda, soñ ýoluñ ortasynda, iñ soñunda-da imperatoryñ öñünde duranda.




*Haýle Selassiýe (Doly ady: Ras Tafari Makonnen) / Fotosurat: Wikipedia*
1892-nji ýylda Hararda doglan imperator 1917-1974-nji ýyllarda ýurdunyñ iñ güýçli adamy boldy.
Imperator bolanda oña Tafari Makonnen ady berildi.
Kakasy imperator Menelik II-niñ baş geñeşdarydy.
Gyzy Taitu 1917-nji ýylda imperatrisa bolanda Tafari Makonnenem wekil we mirasdüşer şazada boldy.

Taitunyñ aradan çykmagynyñ yzyndan Haýle Selassiýe ady bilen täç gevdi.
Mussolininiñ 1935-nji ýylda Efiopiýany basyp almagy bilen ýurtdan gaçyp gitdi.
1941-nji ýylda tagtyna dolanyp geldi we görlüp-eşdilmedik awtokratik hökümet gurdy. Şol bir wagtyñ özünde Efiopiýany Afrikanyñ iñ esasy ýerleriniñ birine öwürdi. Ol Efiopiýany öz köşgüni dolandyryşy ýaly dolandyrýardy.
Aşpezler bilen baglaşylan şertnamalara we ilçileriñ sumkasyndaky habarnamalara çenli hemme zady hut özi gözegçilikde saklaýardy.
Okuw jaýlaryna garaşylman durka baryp, olardan bir gün öñ haýsy sapaklaryñ geçilendigini we näme okandyklaryny sorardy.
Haýle Selassiýäniñ agalygy belli bir sepgide çenli heýjan döredip biljek derejede üýtgeşikdi. Şol sanda Selassiýe Efiopiýany döwrebap eýýama ýetiren adamdy.
Elmydama ýurdunyñ Bilim ministri bolup işlemegi arzuw etdi.
Imperator Haýle Selassiýe 1974-nji ýylda polkownik Mengistu Haýle Mariamyñ ýolbaşçylygyndaky çepçi döwlet agdarylyşygy bilen tagtdan agdaryldy.




*Polkownik Mengistu Haýle Mariam*

Haýle Mariam bilen birlikde gelen «öňdebaryjylyk» netijesinde bir milliondan gowrak adamyň ölen graždanlyk uruşy başlady. Gahatçylyk döwründe ýene bir million adam öldi.

Sudan ýaly goňşy ýurtlar bilen gandöküşikli uruşlar bolup geçdi.

Şol bir wagtyň özünde has düýpli we täsirli beýleki bir waka bolsa, režime garşy alnyp barylan uruşyň yzyndan Eritreýanyň garaşsyzlygynh gazanmagydy.

Mengistu Haýle Mariamyň ömri Zimbabwede syýasy gaçgak bolup soňlandy. Onuň ýurtdan gaçmagynyň yzyndan Haýle Selassiýäni

köşgünde öldürendigi ýüze çykdy. Imperatoryň jesedi zalyň polunda beton plitanyň aşagyna gömülen eken. Az-owlak gara ýumora garyp aýtmaly bolsa, «bu gezek häkimiýet başyna dolanyp gelmek başartmady».

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Anna, 08.05.2020 ý. Taryhy şahslar